# Los-Anželes ýangynlary: Ýangyn söndürijiler ot bilen birlikde ýalan-ýaşryklara garşy-da göreşýär

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 21 января, 2025
Los-Anželes ýangynlary: Ýangyn söndürijiler ot bilen birlikde ýalan-ýaşryklara garşy-da göreşýär LOS-ANŽELES ÝANGYNLARY: ÝANGYN SÖNDÜRIJILER OT BILEN BIRLIKDE ÝALAN-ÝAŞRYKLARA GARŞY-DA GÖREŞÝÄR



*Täzeden ABŞ-nyñ prezidenti bolmaga taýynlanyp ýören Trampyñ özem ýalñyş maglumatlary paýlaşýar.*
*Ýangynlarda azyndan 16 adam öldi (AP)*
ABŞ-nyñ Kaliforniýa ştatynyñ Los-Anželes şäherini gaplap alan ýangynlar ýurdy sarsgyna salmagyny dowam etdirmek bilen

birlikde ýalňyş maglumatlara garşy-da göreşmek zerurlygy ýüze çykdy.
Meşhur komplimasiýa teoretigi Aleks Jonsyň penşenbe güni sosial mediýada paýlaşan we 29 million gezek görlen wideosynda «Ähli gerekli enjamlar Ukraina berlendigi üçin ýangyn söndürijuler aýal-gyzlaryň el sumkalaryny ulanýar» diýen ýaly pikirleri adamlary başagaýlyga salýar.
Şular ýaly esassyz gipotezalary ýalana çykarmak boýunça ýörite bellenen Los-Anželesiň Ýangyn söndüriş gullugynyň press-sekretary Erik Skott ol sumkalaryň aslynda brezentden edilendigini we ownuk ýangynlarda ulanýandygyny aýdýar.
Skott tebigy betbagtçylyklaryň dezinformasiýa bölegine üns berýän habar çap eden «Wall Street Journal»-a (WSJ) şeýle diýdi:
«Bir ýandan Los-Anželes taryhynyň iň ýykgynçylykly tebigy betbagtçylygyna garşy göreşip ýörkä, bir ýandanam sosial mediýadaky myş-myşlary tapyp ýalana çykarmak üçin adamlara we wagta mätäçlik duýyarys. Bu ýagdaý bizi has möhüm işlerimizi etmekden saklaýar».
Skott ýangyn söndüriş işlerine halk köpçüligini çagyrandyklary baradaky ýalan habarlaryň örän köp adamyň janyna howp abandyryp biljekdigini-de sözüniň üstüne goşýar.
«WSJ» 2022-nji ýylda «Twitteri» alyp, adyny «X» eden Ilon Maskyň yzyndan barýan Mark Zukerbergiň «Facebook»-daky we «Instagram»-daky häzirki awtorlyk we senzura mehanizmlerini aýyrjakdygyny ýakynda mälim edendigini ýatlatdy.
Emeli aň tehnologiýasynyňam ýalan-ýaşryk habarlaryň gerimini ulaldýandygy nygtaldy. Santa-Monika daglaryndaky meşhur «Hollywood» ýazgysynyň ýanandygy bir fotoapparatyň soňky ýangynlarda ýasandygy aýdyldy.




Billi Eilişiñ ady bilen girilen galp nik iki «L» harpynyñ bolan «Hollywood» ýazgysynyñ ýanandygyny görkezýän emeli añyñ ýasan fotosuratyny paýlaşyp, köp adamy ýalñyşdyrdy.
«WSJ» «The Getty» muzeýiniñem şuña meñzeş spekulýasiýa tema bolandygyny nygtady.
Prezident kürsüsine oturan Donald Trampyñam Kaliforniýanyñ gubernatory Gewin Nýusomyñ «suwuñ täzelenmegi deklarasiýasyny» kiçijik balygyñ görnüşini halas etmek üçin gol çekmändigini öñe süren we Maskyñam muny täzeden paýlaşandygy-da habarda agzaldy.
Nýusomyñ geñeşdarlarynyñ biri «Beýle deklarasiýa hiç wagtam bolmady» diýipdi.

Beýleki bir ýandan Nýusom dowam edýän ýangynlara garşy göreş wagtynda bolan suw ýetmezçiligine degişli garaşsyz derňew işiniň açylmagyny talap etdi.
Ştatyň suw üpjünçiligi we ýangyn söndüriş boýunça ygtyýarlylaryny ýangynlar wagtynda munisipalitet sistemalaryndaky suw gorlary we geçirijileri ýitgisiniň sebäplerini derňeýän habarnama taýýarlama ugrukdyrandygyny «X» hasabynda düýn nygtan Nýusom geljekde beýle mesele bilen garşylaşmazlyk üçin edilmeli öňüni alyş işlerine-de ýer beriljekdigini nygtady.
Çeşmeler: «Wall Street Journal», «CBS», «AA».

Taýýarlan Büşra AGAÇ.

Ýekşenbe, 12.01.2025 ý. Publisistika